# Trampy atana terrorçy diýmezlik we Günbatara garaşýan howp

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Trampy atana terrorçy diýmezlik we Günbatara garaşýan howp
TRAMPY ATANA TERRORÇY DIÝMEZLIK we GÜNBATARA GARAŞÝAN KONFLIKT




Trampy öldürmäge synanyşyk onuň saýlanma mümkinçiligini güýçlendirdi. Atan adama häzirem terrorçy diýilmeýändigi bolsa, üstünde durup geçeniňe degýär. Gündogardan soň Günbatarda-da agalyk sürýän dini we ideologiki fanatizm

Trampyň we onuň bellän prezident orunbasarlygyna kandidaty Wansyň döwründe artyp biler.
Donald Tramp 14-nji iýulda Pensilwaniýadaky saýlaw kampaniýasy wagtynda atyldy. Gulagyndan gyltyz ýaralandy, ýöne millimetr tapawutlylykda ölümiň bäri ýanyndan gaýtdy. Öňki prezidenti we 5-nji noýabrda täzeden prezident saýlanaýmagy mümkin Trampy atan adamyň wakanyň bolan ýerinde howpsuzlyk gullugynyň işgärleri tarapyndan öldürilen ýigrimi ýaşly Tomas Mattew Kruksdygy mälim edildi.
FBR beýanat berenmiş, wakanyň terrorçylykly akt bolup-bolmandygynyň derňewi gidýärmiş. Jenaýatçy eli tüpeňli prezidentluge kandidatyň çykyp gepleýän münberini nyşanalan üçegine çykýar, müňlerçe adamyň ortasynda gepläp oturan kandidata bir gezek däl, birnäçe gezek atýar, köpçüligiň arasynda ölenler we ýaralananlar bar, emma ne FBR, ne-de amerikan we ýewropa mediýasy Trampy atana terrorçy diýip bilýär.
Ýokarda aýdyşym ýaly, FBR wakanyň aňyrsynda haysydyr bir syýasy meçew bermäniň barlygyny-ýoklugyny barlaýarmyş. Birden Eýranyň edip ýören işi bolaýmasyn? Şo tarapyna-da seredýärlermiş. Gandaryň (bigünä raýatlaryň birini-de öldürendigi üçin) atlandyrylyşy «şuter» («atyjy»), oňa terrorçy diýlenok.

- **Meselem, ady Omar bolan bolsady**

Trampy atan adamyň ady Isa pygamberiň (a.s) hawarilerinden ikisiniň iňlisçeleşdirilen atlary Tomas (Tauma) we Mattew (Mattitýahu) bolman, meselem Omar bolan bolsa, Aly bolan bolsa, FBR we amerikan mediýasy beýle ätiýaçly hereket edip bilermidi? Ýa bolmasa edil şol minutdan başlap «New York Times» gazetinden başlap «Fox» teleýalymyna çenli ähli amerilan mediýasy we onuň yzyna eýerýän Günbatar Ýewropa mediýasy diňe «terrorçy» däl, «musulman terrorçy» garalamalaryna başlarmydy? Başlamazmydy?
Norwegiýada 2011-nji ýylyň 22-nji iýulynda köpüsi çaga 77 adamy öldüren, 242 adamy yaralan Anders Behring Breýwike-de terrorçy diýilmegi gandaryň özüni nasist yglan etmeginden soň boldy, şol pursata çenli ol diňe «ýalňyz möjek» bir «ekstremistdi».
Trampy atan adamyň ady Omar, Aly ýa-da Hüseýin bolan bolsa,

häzire çenli onuñ ýedi arkasynyñ ilteşýän ýerlerini, belki-de üstüne müñ esse goşup öwrenermidik? Öwrenmezmidik? Gatnan metjidine, ymamyna, salam-helik eden adamlaryna çenli.



- **Trampy atan özlerinki bolansoñ**

Emma dünýäniñ çar künjünde ýeriñ aşagynda ýylan gäwüşese bilýändigini aýdýan amerikan gizlin gulluklary häzirem Trampy aranyñ geçmişini bilenok, şeýlemi? Haýsy buthana ýa-da sinagoga gidendigini, buddistdigini ýa-da ateistdigini anyklap bilmändir, şeýlemi?
Çünki «Sowuk urşuñ» gutaran wagtyndan bäri, aýratynam birinjiden-ä «El-Kaidäniñ» «11-nji sentýabr’ terakty, ikinjidenem Siriýanyñ Graždanlyk urşundaky YŞYD-yñ wagşyýanalygyndan bäri dogry bolsun-bolsun, tapawudy ýok, «terrorçy» garalamasy musulmanlar üçin ulanylypdy.
Düzgün şeýle bolansoñ, kelleler tebigy taýdan garjaşýar duruberýär. «Hamas» terrorçy, diýmek «Hamasy» bahana edip, Gazada on müñlerçe palestinalyny gyrýan Ysraýylyñky dogry düşünjesi şu. Wah, birem gumanitar kömegiñ öñüni bentlemese dagy, maşgala bolup ýazgaranam bolýarys…
Ady Tomas, Mattew, Meri, Sarah bolsa aýry kesgitleme, Omar, Aly, Merýem ýa-da Sara bolsa aýry kesgitleme berilmeli, şeýlemi? Şeýle bolýar-da?
Günbatardaky bu kelle garjaşyklygy ýakynda amerikan halky bu deñsiz-taýsyz sowukganlylygy bilen Trampy täzeden prezident saýlanda hasam artjaga meñzeýär.

- **Trampyñ iñ strategiki saýlawy**

Tramp özüne orunbasar hökmünde Ohionyñ 39 ýaşly senatory JD Wansy saýlap aldy: Jeýms Dewid. Garyplaşan we umydyny ýitiren amerikan düzlüginiñ wekiliniñ «Daýhanyñ agysy» (“Hillbilly Elegy”) kitaby iñ geçginli kitaplaryñ birine öwrüldi we kitabyñ esasynda kinofilm hem surata düşürildi.




Obamanyñ daşary syýasat boýunça orunbasary Jo Baýden ýaly dünýäni öz agzyna garatjak bolmakdan has beter öz halky bilen mümkingadar iñ sag-populist görnüşde gyzyklanýar. Syýasaty

«Tokaý otla, at gazan» derejesinde alyp barmagy bilen tanalýar. Buşyñ toparyna «neokonserwatiw» (täze dindarlar») diýýärdi, häzirkilere «neoreactionary» («täze yzagalaklar») diýýär. Fanat derejede dindar we ýewropa liberallarynyñ öñe tutýan bar zadynyñ doly garşysynda. Daşary syýasata bolan gyzyklanmasy meksikaly migrantlar derejesinde we mysal üçin Ukraina berilýän amerikan harby kömegine garşy, ol bu puluñ garyp daýhanlara gitmelidigini aýdýar. Ine, şu ýerde hem Günbatar Ýewropanyñ syrtyna kesewi sokulana dönýär. Ýewropa bileleşigi Trampy şonsuzam halap barmaýar. Tramp hem olary halamaýar. NATO bileleşigine-de daşrak duranyny kem görmeýär, bulam onlarça ýyllap harby-goranyşyny amerikan esgeriniñ ygtyýaryna bermek arkaly baýap gelen ýewropa ykdysadyýetlerini aladalandyrýar. Tramp döwründe olaryñ Russiýadan gorkulary güýçlenjege meñzeýär.

**• Ýewropada Tramp endişesi**

ÝB-niñ döwürleýin başlygy bolan Wengeriýanyñ premýer-ministri Wiktor Orban birinji resmi saparynda Ukrainanyñ prezidenti Wladimir Zelenskidir Russiýanyñ prezidenti Wladimir Putin bilen duşuşdy. Soñra Si Szinpin bulen duşuşmak üçin Hytaýa gitdi. NATO duşuşygy üçin ABŞ-na gidende bolsa prezident Jo Baýden bilen duşuşmady, teraktyñ öñüsyrasy Trampy görmäge gitdi
Özüni Putin, Szinpin, Tramp bilen görüşendigi üçin ýazgaran ÝB-niñ beýleki döwlet ýolbaşçylaryna-da oturdy-da hat ýazdy: Yraml gelen badyna Ukraina syýasatyny üýtgeder we ÝB häzirki syýasaty bilen has uly ýüküñ astyna girer. Ýogsam bolmasa, Baýdeniñ dünýäni gysymyna gysma syýasaty ýewropa ykdysadyýetlerini diñe Russiýa garşy Ukraina däl, palestinalylara garşy Ysraýyla-da örän köp maliýe we harby kömegi bermäge mejbur edýär.
Dünýäniñ ep-esli bölegi ABŞ-nyñ başga ýurtlaryñ ýakasyndan el çekip, özüne üns bermegine begenip biler. Netijede dünýäniñ çar künjüne demokratiýa getirmek bahanasy bilen uruş getirmek biraz azalsa gerek. Ine, amerikan esgeriniñ arkasyna bukulyp jübûsini galñadýarka Orsyýete, indem Hytaýa ýumruk salgaýan ýewropa hökümetleriniñ endişesi şu. Trampy halamasalar-da, muña döz gelmeli bolarlar.

- **Fanatizm, diskriminasiýa we zorluk-zulum güýçlener**

Öňki prezident Tramly atyp, halkyň üstüne ok ýagdyran pensilwaniýaly Tomas Mattewe ady Omar ýa-da Aly bolmandygy üçin häzirem terrorçy diýmeýän dini we ideologiki fanatizmiň Tramp-Wans döwründe Gündogardan soň Günbatarda-da möwjejegini pikir etmek üçin sebäp göremok.
ABŞ-nyň öz içine çekilmegi, belkäm uruşlaryň ýaýramazlygy taýdan alanda oňyn üýtgeşme bolup görnübem biler, emma beýleki bir ýandan migrant meselesi bilen agressiýalaşan dini we etniki fanatizmiň dünýäniň hemme ýerinde güýçlenjegi, milli döwletler öňküsindenem güývlenip, halkara hukuk kadalarynyň ýerine güýç syýasatynyň öňe çykmaga başlanjagyny hem aýdyp bolar. Gutulgysyz ýagdaýda biziň ýurdumyza-da täsir edip biljek ýagdaý.
Başdaky gürrüňe dolanyp gelip, bir zada hasam ünsüňizi çekesim gelýär.
Trampy atanyň jöhitdigi ýa däldigi mälim edilenok. Emma belli jöhit guramasy «Garalamalara garşy bileleşik» («Anti Defamation League») Trampyň janyna kast etmäge edilen synanyşygyň ABŞ-daky antisemitizmi gorjama gorkusynyň bardygyny agzaýar. FBR-iň we süýtden gan gözleýän amerikan mediýasynyň tapyp bilmedik baglanyşygyny bilýän bolaýmasynlar? Bilmeýärlermikä ýa?

Murat ÝETKIN.

«YETKIN REPORT» internet gazeti, 17.07.2024 ý. Publisistika